Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy netijesinde eziz Watanymyz Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň **“Watan diňe halky bilen Watandyr!”** diýen parasatly şygarynyň düýp özeni ynsan saglygy hakyndaky belent aladadan gözbaş alýar. Halkymyzyň saglygyny berkitmekde, bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Jemgyýetimizde kämil şahsyýeti terbiýelemekde ata-babalarymyzyň **“Sagdyn bedende-sagdyn ruh”** pähiminden ugur alynýar. Saglyk diňe her bir adam üçin däl, eýsem, tutuş jemgyýet üçin uly gymmatlykdyr, çünki ol beden taýdan sagdynlygyň we güýç-kuwwatyň, zähmet hem-de döredijilik işjeňliginiň, umuman, abadan durmuşyň gözbaşydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu ugur Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde eziz Watanymyzda giň gerime eýe bolan köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketini ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek, jemgyýetimizde bedenterbiýe hem-de sport bilen yzygiderli meşgullanmagy wagyz etmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýylsaýyn bu herekete türkmenistanlylaryň barha köp sanlysy goşulýar. “Saglyk” Döwlet maksatnamasy, beýleki degişli maksatnamalar, şäherlerde we oba ýerlerinde lukmançylyk we sport düzümlerini döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamalar yzygiderli durmuşa geçirilýär. Her ýylyň 7-nji aprelinde “Bütidünýä saglyk gününiň” giňden bellenilmegi, köpçülikleýin welosipedli ýörişleriň gurnalmagy, ýurdumyzda “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýänliginiň subutnamasy bolup durýar.

Bu günki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şahsy göreldesinden ruhlanan, türkmenistanlylaryň, şeýle-de bagtyýar ýaşlaryň köp sanlysy, döwlet Baştutanymyz tarapyndan döredilen şertleriň netijesinde, bedenterbiýe hem-de sport bilen yzygiderli meşgullanýarlar, türgenlerimiziň gazanýan üstünlikleriniň sany barha köpelýär, sport döwleti hökmünde ata Watanymyzyň abraýy bolsa has-da belende galýar.

Pursatdan peýdalanyp, halkymyzyň abadançylygy, ýurdumyzyň parahatlygy ugrunda uly işleri alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, döwletli işleri elmydama rowaç bolsun!

**Şemşat MEREDOWA**
**Türkmenistanyň Inžener tehniki we**
**ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby**

Все права защищены